#63 (85)
понедельник, 14 марта 2022 года

# Интернет газета
# Международные новости

Учредитель — Министерство иностранных дел Туркменистана



# Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň we Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň bilelikdäki mejlisi

10-njy martda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow welaýatlaryň hem-de Aşgabat şäheriniň häkimleriniň gatnaşmagynda Ministrler Kabinetiniň we Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sanly ulgam arkaly bilelikdäki mejlisini geçirdi. Onda Türkmenistanyň Prezidentiniň saýlawlaryna görülýän taýýarlyk işlerine we beýleki birnäçe meselelere garaldy.

Mejlisiň barşynda Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Serdar Berdimuhamedow Türkmenistanyň Prezidentiniň saýlawlaryny guramaçylykly geçirmek boýunça ýurdumyzyň maliýe-ykdysady toplumynyň edaralary tarapyndan alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Öňde boljak taryhy ähmiýetli syýasy çäräni maliýeleşdirmek meseleleri hasabatyň özenini düzdi. Häzirki wagtda döwlet Baştutanynyň saýlawlarynyň ýokary derejede geçirilmegi üçin göz öňünde tutulan çykdajylaryň deslapky sanawy düzüldi. Hususan-da, Döwlet býujetinden maliýeleşdirilýän harajatlar saýlaw býulletenlerini çap etmek, welaýat, şäher we etrap saýlaw toparlary üçin gollanmalary taýýarlamak, dalaşgärler baradaky maglumatlary halk köpçüligine ýetirmek, şeýle hem halkara syncylaryň we daşary ýurt köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleriniň ýurdumyzda bolmagy bilen bagly çykdajylara gönükdirildi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow Türkmenistanyň Prezidentiniň saýlawlaryna görülýän taýýarlyk işleri barada hasabat berdi. Bu ugurda hereket edýän milli kanunçylygyň esasynda degişli işler geçirilýär.

Häzirki wagtda Türkmenistanyň dünýäniň 30 döwletinde ýerleşýän ilçihanalarynda we konsullyklarynda saýlaw uçastoklarynyň 41-si döredildi. Ses berilmegini guramaçylykly geçirmek üçin ähli degişli şertler göz öňünde tutuldy.

Türkmen tarapynyň çakylygy boýunça ýurdumyza Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyndan synçylar topary geldi. Mundan başga-da, geçiriljek möhüm jemgyýetçilik-syýasy möwsüme Türki Döwletleriň Guramasyndan, Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasyndan, Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasyndan hem-de birnäçe goňşy ýurtlardan synçylaryň gatnaşmagyna garaşylýar. Türkmenistanda Saýlawlary we sala salşyklary geçirmek boýunça merkezi toparyň goldaw bermeginde synçylar toparynyň ştaby açyldy. Halkara synçylaryň öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde, degişli hukuk kadalary bilen kesgitlenilen saýlawlaryň geçirilişine we saýlawlar güni ses berlişiniň barşyna seljermäni amala aşyrmaga degişli ähli şertler döredildi.

Saýlawlara taýýarlyk görülmegi bilen baglylykda, paýtagtymyzda ÝHHG-niň Aşgabatdaky merkeziniň we BMG-niň ugurdaş düzümleriniň ýardam bermeginde duşuşyklar hem-de ýurdumyzyň degişli döwlet edaralarynyň we jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleriniň gatnaşmagynda okuw maslahatlary geçirildi.

12-nji martda geçiriljek Türkmenistanyň Prezidentiniň saýlawlaryny beýan etmäge daşary ýurtlaryň köpçülikleýin habar beriş serişdeleri hem gyzyklanma bildirýärler.

Mejlisiň dowamynda harby we hukuk goraýjy edaralaryň ýolbaşçylary jemgyýetçilik-syýasy, taryhy ähmiýetli wakany — Türkmenistanyň Prezidentiniň saýlawlaryny ýokary guramaçylyk derejesinde geçirmek boýunça alnyp barylýan işler, ýurdumyzyň ähli künjeklerinde hukuk tertibini üpjün etmek boýunça amala aşyrylýan çäreler, harby we hukuk goraýjy edaralaryň ähli düzümlerinde hem-de welaýatlardaky we Aşgabat şäherindäki saýlaw uçastoklarynda nobatçylygy guramak boýunça geçirilýän işler barada hasabat berdiler.

Soňra döwlet Baştutanymyz mejlise gatnaşyjylara ýüzlenip, häzirki döwürde Garaşsyz, Bitarap Türkmenistanyň demokratik kadalary ösdürmegiň ýoly bilen ynamly öňe barýandygyny nygtady. Milli Liderimiz jemgyýetimiziň hukuk esaslaryny we demokratik başlangyçlary pugtalandyrmaga gönükdirilen çäreleriň giň toplumynyň durmuşa geçirilýändigini belläp, ýurdumyzda raýatlarymyza döwlet gullugynda işlemäge, saýlawlarda ses bermäge, döwlet wezipelerine saýlanmaga, ýurduň we dürli derejelerdäki jemgyýetçilik işlerini dolandyrmaga gatnaşmaga hukugy üpjün edýän tertibiň ýola goýlandygyny nygtady.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow döwletimiziň jemgyýetçilik-syýasy durmuşyny demokratiýalaşdyrmagyň, saýlawlary häzirki döwrüň talaplaryna we halkara kadalara laýyklykda geçirmegiň amala aşyrýan özgertmeler syýasatymyzyň esasy ugurlarynyň biridigini aýtdy.

Häzirki döwürde ýurdumyzda 12-nji martda geçiriljek Prezident saýlawlaryna giňden taýýarlyk görülýär. Ses bermek üçin döwletimizde we daşary ýurtlarda 2 600-den hem köp saýlaw uçastogy döredildi. Saýlawlaryň öň ýanyndaky çäreleriň çäklerinde, syýasy partiýalar we raýatlaryň teklipçi toparlary Türkmenistanyň Prezidenti wezipesine 9 dalaşgäri hödürledi. Olar welaýatlarda hem-de Aşgabat şäherinde saýlawçylar bilen duşuşyklary geçirdiler. Bu ýokary döwlet wezipesine dalaşgärleriň maksatnamalaýyn çykyşlary teleýaýlymlaryň we beýleki köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň üsti bilen raýatlarymyza ýetirildi diýip, milli Liderimiz sözüni dowam etdi.

Mälim bolşy ýaly, şu günler öz okruglarynda ses bermäge mümkinçiligi bolmadyk saýlawçylar üçin deslapdan ses bermek geçirilýär. Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy we köp sanly halkara synçylar topary eýýäm ýurdumyzda saýlawlara görülýän taýýarlygy synlamaga girişdiler.

Garaşsyz ýurdumyzyň durmuşynda örän möhüm ähmiýeti bolan Prezident saýlawlary umumy ykrar edilen demokratik kadalar, ata-babalarymyza mahsus milli däp-dessurlarymyz esasynda geçirilmelidir diýip, döwlet Baştutanymyz nygtady hem-de mejlise gatnaşyjylara birnäçe tabşyryklary berdi.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow wise-premýer R.Meredowa ýüzlenip, Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky ilçihanalarynyň ýanynda döredilen saýlaw uçastoklarynyň talabalaýyk işlemegini üpjün etmegi, şeýle hem býulletenleriň öz wagtynda işlenilmegini hem-de maglumatlaryň Merkezi saýlaw toparyna berilmegini gazanmagy tabşyrdy.

Döwlet Baştutanymyz wise-premýer S.Toýlyýewe degişli görkezmeleri berdi. Ýurdumyza gelen halkara synçylaryň, uçastok saýlaw toparlarynyň agzalarynyň hem-de saýlaw çäresine gatnaşýan beýleki degişli adamlaryň gyssagly COVID-19 barlagyndan geçirilişine gözegçilik edilmelidir.

Saýlawlar başlamazdan öň saýlaw uçastoklarynda arassaçylyk kadalaryna degişli işler geçirilmelidir. Bu ýerlerde ähli ätiýaçlyk çäreleriniň berk berjaý edilişi barlanmalydyr. Şeýle hem olaryň ählisinde lukmançylyk nokatlarynyň işi ýola goýulmalydyr diýip, milli Liderimiz aýtdy.

Döwlet Baştutanymyz Türkmenistanyň Prezidentiniň saýlawlarynda arassaçylyk-epidemiologik talaplaryň doly ýerine ýetirilmegini üpjün etmegi tabşyrdy.

Saýlawlaryň geçirilýän desgalarynda adatdan daşary ýagdaýlaryň öňüni almak we ýangyn howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça zerur çäreler geçirilmelidir. Ses berilýän wagty hem-de saýlaw toparlarynyň işi tamamlanýança, saýlaw uçastoklarynda şahsy düzümiň nobatçylyk etmegi guralmalydyr diýip, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow görkezme berdi.

Şunuň bilen bir hatarda, harby adamlary hem-de hukuk goraýjy edaralaryň işgärlerini saýlawçylar hökmünde Türkmenistanyň Prezidentiniň saýlawlaryna işjeň gatnaşmaga çekmek tabşyryldy.

Döwlet Baştutanymyz wise-premýer M.Mämmedowa ýüzlenip, saýlawlar gününiň teleradioýaýlymlarda we beýleki köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde giňden beýan edilmegini üpjün etmegi tabşyrdy.

Halkymyzyň milli däplerine laýyklykda, saýlawlar güni saýlaw uçastoklarynda döredijilik toparlarynyň aýdym-sazly çykyşlary guralmalydyr. Halkara synçylara ýurdumyzyň medeniýeti, taryhy hem-de milli gymmatlyklary bilen tanyşmaga ýardam edilmelidir.

Mundan başga-da, Türkmenistanyň Prezidentiniň 12-nji martda geçiriljek saýlawlaryna taýýarlyk görlüşi baradaky maglumatlary ýurdumyzyň köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde, ýagny teleradioýaýlymlarda, metbugatda we Internetde yzygiderli berip durmaly diýip, milli Liderimiz nygtady hem-de watandaşlarymyzy Türkmenistanyň Prezidentiniň saýlawlaryna işjeň gatnaşmaga çagyrmagyň zerurdygyny belledi.

Milli Liderimiz kesgitlenen wezipeler bilen baglylykda, şu ýylyň 12-nji martynda geçiriljek Türkmenistanyň Prezidentiniň saýlawlarynyň ýurdumyzyň jemgyýetçilik-syýasy durmuşynda möhüm wakadygyny nygtady.

Şoňa görä-de, döwlet Baştutanymyz mejlise gatnaşyjylara bu saýlawy aç-açan, aýdyň, demokratik, bäsdeşlikli, erkin we guramaçylykly ýagdaýda geçirmegi tabşyrdy. Şunuň bilen bagly meýilleşdirilen işler bolup biläýjek adatdan daşary ýagdaýlara we hadysalara garşy dessin çäre görmäge mümkinçilik berer.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow biz ähli babatda raýatlaryň howpsuzlygynyň we jemgyýetçilik tertibiniň, ýangyna garşy howpsuzlyk çäreleriniň, arassaçylyk kadalarynyň berjaý edilmegini we elbetde, erk-islegiň erkin beýan edilmegini üpjün etmäge borçludyrys diýip nygtady hem-de mejlise gatnaşyjylaryň ählisinden öňde duran saýlawlara doly taýýarlykly ýagdaýda jogapkärçilikli garamagy talap etdi.

Milli Liderimiz şu ýylyň 19-njy martynda bolsa “Oguz han” köşkler toplumynda Türkmenistanyň täze saýlanan Prezidentiniň wezipesine girişmegi mynasybetli dabaraly çäräniň geçiriljekdigini habar berdi. Şu çäreden soň, Kabul ediş merkezinde dabaralar dowam etdiriler diýip, döwlet Baştutanymyz nygtady we hemmelere şu wezipeleri ýerine ýetirmekde üstünlik arzuw etdi.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň we Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sanly ulgam arkaly bilelikdäki mejlisini jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

## THE PRESIDENT OF TURKMENISTAN INSTRUCTED TO PREPARE A LIST OF EVENTS WITH THE PARTICIPATION OF THE NEW PRESIDENT OF THE COUNTRY

President Gurbanguly Berdimuhamedov, at a government meeting via video link, focused on the forthcoming presidential elections on March 12 this year.

In this regard, the head of state gave instructions to Deputy Prime Minister, Foreign Minister of Turkmenistan Rashid Meredov to ensure voting at polling stations at the embassies and consulates of Turkmenistan abroad at a high organizational level. Continuing the topic, the leader of the nation noted the need to provide comprehensive assistance to international observers, create appropriate organizational, technical and legal conditions for them so that they can monitor the election campaign and properly fulfill their mission.

Along with this, the head of state instructed to draw up a list of planned international events with the participation of the newly elected President of Turkmenistan and submit it for consideration.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ИЗБРАННОГО ПРЕЗИДЕНТА РЕСПУБЛИКИ КОРЕЯ

Президент Гурбангулы Бердымухамедов направил от имени народа, Правительства Туркменистана и от себя лично сердечные поздравления и наилучшие пожелания г-ну Юн Сок Ёлю в связи с его избранием на пост Президента Республики Корея.

«Мы высоко оцениваем дружественные связи между Туркменистаном и Республикой Корея, выражаем большую уверенность в дальнейшем развитии и укреплении этих отношений в интересах народов обеих стран», отметил в своём послании лидер нации.

Пользуясь этой приятной возможностью, Президент Туркменистана выразил г-ну Юн Сок Ёлю пожелания крепкого здоровья и больших успехов в деятельности, нацеленной на прогресс и благополучие всего народа Республики Корея.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ИЗБРАННОГО ПРЕЗИДЕНТА ВЕНГРИИ

Президент Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания г-же Каталин Новак в связи с её избранием на пост Президента Венгрии.

Пользуясь этой приятной возможностью, Президент Туркменистана выразил г-же Каталин Новак искренние пожелания крепкого здоровья, энергии и воли, а также больших успехов во всех начинаниях и деятельности, нацеленной на прогресс и благополучие народа Венгрии.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА РЕСПУБЛИКИ ЧИЛИ

Президент Гурбангулы Бердымухамедов направил от имени народа, Правительства Туркменистана и от себя лично сердечные поздравления г-ну Габриэлю Боричу в связи с его вступлением в должность Президента Республики Чили.

Пользуясь этой приятной возможностью, Президент Туркменистана выразил г-ну Габриэлю Боричу искренние пожелания крепкого здоровья, энергии и воли, а также больших успехов во всех начинаниях и деятельности, нацеленной на прогресс и благополучие дружественного народа Республики Чили.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПРИНЯЛ ПРЕДСЕДАТЕЛЯ СОВЕТА СТАРЕЙШИН ОРГАНИЗАЦИИ ТЮРКСКИХ ГОСУДАРСТВ

10 марта 2022 года в здании аппарата Халк Маслахаты Туркменистана Президент Гурбангулы Бердымухамедов принял председателя Совета старейшин Организации тюркских государств (ОТГ) Бинали Йылдырыма.

Поблагодарив за уделённое для встречи время, гость передал главе Туркменского государства тёплые слова приветствия от Президента Турецкой Республики Реджепа Тайипа Эрдогана, который подчеркнул особое значение, придаваемое развитию традиционного обоюдовыгодного сотрудничества с Туркменистаном, основанного на принципах многовековой дружбы, доверия и взаимопонимания.

Тепло поприветствовав председателя Совета старейшин ОТГ Бинали Йылдырыма, Президент Гурбангулы Бердымухамедов передал ответные наилучшие пожелания своему турецкому коллеге и заявил, что комплексное развитие и укрепление двустороннего и многостороннего сотрудничества с тюркскими государствами занимает важное место во внешнеполитической стратегии Туркменистана. В этом контексте особое значение придаётся продуктивному взаимодействию в рамках авторитетных международных и региональных структур, в том числе Организации тюркских государств, в которую Туркменистан вступил в статусе наблюдателя в ноябре прошлого года.

Касаясь темы межгосударственных отношений, лидер нации подчеркнул огромное значение, придаваемое долгосрочному туркмено-турецкому сотрудничеству, носящему стратегический характер. В этой связи с удовлетворением констатировалось, что двустороннее партнёрство, которое последовательно и активно развивается на основе принципов дружбы и братства, неизменно привержено практике обоюдного уважения, полного понимания и тесной взаимной поддержки.

Как было подчёркнуто, в Турции высоко ценят и поддерживают многогранную деятельность туркменского лидера и проводимые им масштабные преобразования, коренным образом изменившие жизнь туркменистанцев и придавшие мощный импульс социально-экономическому развитию Туркменского государства, росту его авторитета на международной арене.

Интернет газета
Международные новости

# TÜRKMENISTANDA PREZIDENT SAÝLAWLARY GEÇIRILDI



12-nji martda milli Liderimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistanyň Prezidentiniň saýlawlaryna gatnaşyp, iň ýokary döwlet wezipesine dalaşgärleriň birine ses berdi.

Ýurdumyzyň durmuşyndaky möhüm jemgyýetçilik-syýasy çäräniň – Türkmenistanyň Prezidentiniň saýlawlarynyň ýokary guramaçylyk derejesinde geçirilmegi türkmen jemgyýetinde halkara hukugynyň kadalarynyň berjaý edilýändigining hem-de demokratik ýörelgeleriň dabaralanýandygynyň aýdyň subutnamasydyr. Saýlawlaryň barşynda guralan medeni-köpçülik dabaralary bu taryhy ähmiýetli syýasy çäräniň geçirilmegine toplumlaýyn çemeleşilýändigini görkezýär.

Ir bilen Aşgabat şäheriniň Köpetdag etrabyndaky Annanyýaz Artykow adyndaky 68-nji ýöriteleşdirilen orta mekdebinde ýerleşýän 48-nji saýlaw uçastogyna Türkmenistanyň Prezidentiniň wezipesine dalaşgär, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Serdar Berdimuhamedow awtoulagda maşgala agzalary bilen geldi.

Mälim bolşy ýaly, ak reňkli bu awtoulag ýurdumyzyň içeri işler edaralarynda birkemsiz gulluk eden we watansöýüjiligiň beýik nusgasyny görkezen, milli Liderimiziň kakasy Mälikguly Berdimuhamedowa bitiren hyzmatlaryna hoşallygyň nyşany hökmünde sowgat berlipdi. Häzirki wagtda bu awtoulag gymmatly ýadygärlik hökmünde Berdimuhamedowlaryň maşgalasynda saklanýar.

Maşgala gymmatlyklarynyň we gadymy ýörelgelere çuňňur sarpa goýmak, uly ýaşly nesli hormatlamak esasynda nesilleriň dowamatlylygy, düýpli çözgütleriň maslahatlaşmak arkaly kabul edilmegi türkmen halkynyň gadymdan gelýän asylly ýörelgeleridir.

Ilki bilen wise-premýer Serdar Berdimuhamedowyň maşgala agzalary ses berip, konstitusion hukugyny berjaý etdiler.

Soňra iň ýokary döwlet wezipesine dalaşgär ses bermegiň barşyna monitoring gözegçilik edýän milli we halkara synçylary, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ýolbaşçylary hem-de wekilleri bilen söhbetdeş bolup, olaryň sowallaryna jogap berdi.

«ITAR-TASS»-yň habarçysy Leýla Turaýanowa Serdar Berdimuhamedowa sowal berip, onuň şu saýlawlarda ýeňiş gazanan halatynda, daşary syýasat ulgamyndaky meýilnamalary bilen gyzyklandy.

Iň ýokary döwlet wezipesine dalaşgär Serdar Berdimuhamedow Türkmenistanyň daşary syýasatynyň ýurdumyzyň Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan iki gezek ykrar edilen hemişelik Bitaraplyk derejesine esaslanýandygyny belledi, bu hukuk derejesi sebitde we onuň çäklerinden daşarda ähli döwletler bilen doly derejeli gatnaşyklary ösdürmäge mümkinçilik berýär.

Türkmenistan parahatçylyk söýüjilikli daşary syýasaty durmuşa geçirýär, şoňa görä-de ýurtlaryň arasynda dostlukly hem-de hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryny giňeltmek hem-de pugtalandyrmak esasy ugurlaryň biri bolup durýar.

Şeýle hem iri we abraýly halkara guramalary, ilkinji nobatda bolsa Birleşen Milletler Guramasy bilen hyzmatdaşlygyň ösdürilmegi we berkidilmegi esasy ugurlaryň hatarynda durýar diýip, Serdar Berdimuhamedow nygtady.

Türkmenistanyň Milli Geňşiniň Halk Maslahatynyň şu ýylyň 11-nji fewralynda geçirilen taryhy mejlisinde ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň ýakyn 30 ýyl üçin Milli maksatnamasy kabul edildi. Bu maksatnamany durmuşa geçirmegiň çäklerinde, ýurdumyz esasy bäş ugur boýunça daşary syýasatyny alyp barar. Olar howpsuzlygyň we durnuklylygyň üpjün edilmegi, halkara giňişliginde ýurdumyzyň bitaraplyk hukuk derejesini ilerletmek, daşary ykdysady gatnaşyklary diwersifikasiýalaşdyrmak, durnukly ösüşe hem-de halkara gatnaşyklarynyň ynsanperwerleşdirilmegine ýardam bermek ýaly ugurlardyr. «Halkymyz maňa ýokary ynam bildirip, Türkmenistanyň Prezidenti wezipesine saýlan ýagdaýynda, döwletimiz oňyn Bitaraplyk syýasatyna esaslanýan daşary syýasat ugruny dowam eder» diýip, iň ýokary döwlet wezipesine dalaşgär belledi.

Soňra Prezident wezipesine dalaşgäre Türkiýäniň «TRT World» teleýaýlymynyň habarçysy Rumeýsa Çodar sowal bilen ýüzlendi. Žurnalist Türkmenistanda ykdysadyýetiň uzakmöhletleýin ösdürilmegine uly ähmiýet berilýändigini belläp, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümçilikleri ösdürmek maksady bilen senagat kärhanalarynyň ösdürilmegi barada pikirini aýtmagyny haýyş etdi.

Serdar Berdimuhamedow bu sowala jogap bermek bilen, Türkmenistanda milli ykdysadyýetiň döwlet maksatnamalarynyň üstünlikli ýerine ýetirilmegine, telekeçiligiň goldanylmagyna gönükdirilen bäş ugrunyň ösdürilmegine aýratyn üns berilýändigini nygtady. Şunuň bilen baglylykda, dalaşgär 2008-nji ýylda döredilen Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň ähmiýetini belledi. Bu birleşmäniň agzalary ýurdumyzyň halk hojalygynyň dürli pudaklarynda, şol sanda söwda ulgamynda, oba hojalygynda, gurluşykda, ulagda, senagatda üstünlikli işleýärler. Biziň ýurdumyzyň gaýtadan işleýän pudaklary hem-de senagaty milli ykdysadyýetimiziň okgunly ösdürilmegine ýardam berýän ýokary hilli harytlary öndürýär diýip, Serdar Berdimuhamedow döwletimiziň telekeçiligini goldamak işlerini dowam etmegi maksat edinýändigini aýtdy.

«Türkmenistan» gazetiniň baş redaktory K.Rejebow Serdar Berdimuhamedowa Türkmenistanyň Prezidentiniň saýlawlarynda üstünlikler arzuw etdi hem-de dalaşgäriň iň ýokary döwlet wezipesine saýlanan halatynda, ýurdumyzda sanly ulgamy ösdürmek hem-de döwrebaplaşdyrmak üçin nähili çäreleri geçirmegi göz öňünde tutýandygy bilen gyzyklandy.

Prezident wezipesine dalaşgär milli Liderimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň baştutanlygynda ýurdumyzda sanly ulgamy ösdürmek boýunça maksatnamalaýyn işleriň ýerine ýetirilýändigini aýdyp, «Türkmenistanda 2019-2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasynyň» hem-de «Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2021-2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynyň» kabul edilendigini belledi we ýurdumyzda sanly ulgamyň giňden ornaşdyrylmagynyň halkymyzyň hal-ýagdaýynyň, ýaşaýyş-durmuş şertleriniň has-da ýokarlanmagyna getirjekdigine ünsi çekdi.

Serdar Berdimuhamedowyň belleýşi ýaly, ýakynda geçirilen Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň mejlisinde kabul edilen Türkmenistany 2022-2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasy kabul edildi, onda ýurdumyzda sanly ulgamyň ösdürilmegine hem uly üns berilýär.

Soňra «Nesil» gazetiniň baş redaktory A.Hojaberdiýew Serdar Berdimuhamedowa saýlawlarda üstünlik gazanmagy arzuw edip, onuň Prezident wezipesine saýlanan halatynda, ýaşlary köpçülikleýin ylma has giňden çekmek üçin nähili işleri amala aşyrmagy meýilleşdirýändigi bilen gyzyklandy.

Serdar Berdimuhamedow ýurdumyzda ýaş nesil barada döwlet derejesinde alada edilýändigini, Türkmenistanda ýaşlar syýasatynyň esasy özeniniň ýaşlarda Watana, halkymyza, taryhymyza buýsanjy, ylma-bilime höwesi artdyrmak bolup durýandygyny belledi. Şonuň bilen bir hatarda, bu syýasat ýaşlaryň täze tehnologiýalary has talabalaýyk özleşdirmegine, döwrebap bilim almagyna, ýaş nesliň watançylyk ruhunda terbiýe almagyna, olarda Watanyň ykbaly üçin jogapkärçilik duýgusyny terbiýelemäge gönükdirilen çäreleri öz içine alýar.

Serdar Berdimuhamedow bu baradaky gürrüňi dowam edip, ýaşlar syýasatyny üstünlikli durmuşa geçirmek maksady bilen, 2021-2025-nji ýyllar üçin degişli döwlet Maksatnamasynyň kabul edilendigini ýatlatdy. Mundan başga-da, Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň mejlisinde tassyklanylan Türkmenistany 2022-2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda hem ýaşlar syýasatynyň ösdürilmegine aýratyn ähmiýet berilýändigi bellenildi. Iň ýokary döwlet wezipesine saýlanan ýagdaýynda hormatly Prezidentimiziň öňe süren başlangyçlaryny mynasyp dowam etjekdigini aýdyp, iň ýokary döwlet wezipesine dalaşgär Serdar Berdimuhamedow ýygnananlar bilen hoşlaşdy we olara işlerinde üstünlikleri arzuw etdi.

Soňra Türkmenistanyň döwlet Baştutanynyň wezipesine has mynasyp dalaşgäre ses bermek üçin hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow käbesi Ogulabat eje bilen Köpetdag etrabyndaky 48-nji saýlaw uçastogyna geldi.

Ýaňlanan aýdym-sazlar, saýlawçylara milli tagamlaryň hödürlenilmegi, ýurdumyzyň saýlaw uçastoklarynda söwdalaryň ýokary derejede guralmagy, saýlaw uçastoklarynyň ses bermek üçin zerur bolan enjamlar bilen üpjün edilmegi döwletimiziň durmuşynda möhüm jemgyýetçilik-syýasy waka bolan saýlawlaryň geçirilmegine jogapkärli hem-de toplumlaýyn esasda çemeleşilýändigini görkezdi.

Saýlaw uçastoklarynda türkmenistanlylaryň umumy ykrar edilen halkara hukugynyň kadalaryna laýyklykda özleriniň konstitusion hukuklaryny amala aşyrmagy üçin ähli şertler döredildi. Şeýle hem milli we halkara synçylar ses bermegiň barşyna monitoringi amala aşyrdylar. Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri ýurdumyzda geçirilen saýlawlaryň ähli tapgyrlaryny giňden beýan etdiler.

Döwlet Baştutanymyz käbesi Ogulabat eje bilen has mynasyp diýip hasap eden dalaşgärine ses berip, konstitusion hukuklaryndan peýdalanyp raýatlyk borçlaryny berjaý etdiler. Milli Liderimiz öz käbesine belent sarpa goýmak bilen, maşgala gymmatlyklaryna, ýaşuly nesle hem-de ýurdumyzda aýratyn alada we hormat bilen gurşalyp alnan eneleriň mertebesini belende götermegiň nusgasyny görkezýär.

Şu gezekki jemgyýetçilik-syýasy çäräniň – Türkmenistanyň Prezidentiniň saýlawlarynyň ýokary guramaçylyk derejesinde hem-de häzirki döwrüň talaplaryna laýyklykda we türkmen halkynyň milli ruhuna mahsus ýagdaýda geçirilendigini bellemek gerek.

Soňra hormatly Prezidentimiz milli we halkara synçylar, daşary ýurtlaryň köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri bilen söhbetdeş boldy. Milli Liderimiziň belleýşi ýaly, ýurdumyzda taryhy ähmiýetli syýasy çäre – Türkmenistanyň Prezidentiniň saýlawlary geçirilýär. Şunda 9 dalaşgär iň ýokary döwlet wezipesine bellige alyndy. Olar halkyň ynamyna mynasyp bolan adamlardyr, şol mynasybetli hem şu gezekki saýlawlara dalaşgär hökmünde gatnaşmaga mümkinçilik aldylar.

Milli Liderimiz Watanymyzyň geljegi üçin ägirt uly ähmiýete eýe bolan bu möhüm çäräniň açyklyk, aýanlyk we deňhukuklylyk, demokratik ýörelgeler esasynda geçjekdigine ynam bildirdi, munuň özi adam hukuklarynyň we azatlyklarynyň ygtybarly goralýan dünýewi, demokratik, özygtyýarly, Bitarap döwletimiziň belent derejesine laýyk gelýär. Halkyň uly ynam bildirip, saýlan Prezidenti Garaşsyz, Bitarap Türkmenistanyň mundan beýläk-de okgunly ösmegi üçin özüne bagly ähli tagallalary eder diýip, milli Liderimiz aýtdy.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhmedow şu günki taryhy jemgyýetçilik-syýasy çäräniň umumy ykrar edilen halkara hukugynyň kadalaryna hem-de ýurdumyzyň Konstitusiýasyna laýyklykda geçirilýändigini kanagatlanma bilen belläp, hemmelere asylly işlerinde üstünlikleri arzuw etdi.

Döwlet Baştutanymyz saýlaw uçastogyndan çykyp, sungat ussatlarynyň çykyşlaryna tomaşa etdi, soňra Türkmenistanyň halk artisti, bagşy Läle Begnazarowa bilen söhbetdeş boldy hem-de onuň ýokary ýerine ýetirijilik ussatlygyny belläp, diňleýjileriň arasynda meşhurlyga eýe bolandygyny aýtdy. Milli Liderimiz aýdymça döredijiliginde geljekde hem üstünlikleri arzuw etdi.

Aýdymçy, öz gezeginde, milli sungatyň ähli ugurlar boýunça ösdürilmegi babatda döwlet derejesinde alada edilýändigi üçin hormatly Prezidentimize ähli döredijilik işgärleriniň adyndan hoşallyk bildirdi hem-de hormatly Arkadagymyza özüniň iň gowy arzuwlaryny beýan etdi. Dutaryň owazy astynda aýdymçy zenanyň ýerine ýetiren aýdymy enelere belent sarpanyň senasy bolup ýaňlandy. Ýurdumyzyň abadançylygy hem-de çagalaryň bagtyýarlygy olar üçin ähli zatdan ileridir.

Интернет газета
Международные новости

## Центризбирком Туркменистана: Выборы Президента Туркменистана прошли при высоком уровне активности избирателей




13 марта в столичном отеле «Каракум» состоялся брифинг председателя ЦИК Туркменистана Г.Мурадова, посвященный итогам досрочных выборов Президента Туркменистана.

Председатель Центризбиркома Туркменистана отметил, что выборы Президента Туркменистана состоялись при высоком уровне активности избирателей. Выборы прошли на широкой альтернативной основе на принципах демократии и гласности: на пост Президента претендовало девять кандидатов от различных партий, а также инициативных групп граждан.

Сайт ЦИК Туркменистана вел прямую онлайн-трансляцию хода голосования из ряда избирательных участков, открытых в городе Ашхабаде и велаятах страны, что обеспечило высокий уровень прозрачности выборов.

Председатель Центризбиркома подчеркнул, что за ходом выборов наблюдало 2 726 национальных наблюдателя и 75 международных и иностранных наблюдателя из Содружества Независимых Государств, Шанхайской организации сотрудничества, Организации Исламского Сотрудничества, Организации тюркских государств, а также из ряда стран.

Выборы Президента Туркменистана освещали представители иностранных средств массовой информации, аккредитованные в Туркменистане, а также прибывшие в нашу страну по приглашениям.

Также было отмечено, что в выборах всего по Туркменистану из общего количества 3 460 080 зарегистрированных избирателей проголосовало 3 362 052 человека, что составило 97.17 процентов.

Г.Мурадов констатировал, что 12 марта в 19.00 вечера голосование на избирательных участках завершилось, но из зарубежных избирательных участков продолжает поступать информация.

Он подчеркнул, что окончательная информация об итогах выборов, в определенные законом сроки, будет доведена до сведения населения.

## The festive event on International Women's Day

